# Mes bolup meýhanada

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Mes bolup meýhanada MES BOLUP MEÝHANADA

Günüň geçdi, aýyň geçdi,
Mes bolup meýhanada.
Aklyň çaşdy, huşuň göçdi,
Mes bolup meýhanada.

Ýanýoldaşyň «akmämmetdi»,
Gaharjaňdy, işi betdi,
Ahyry yzyňdan ýetdi,
Mes bolup meýhanada.

Hany indi şepeleriň?
Arasynda depeleriň.
Biridiň how, epeýleriň,
Mes bolup meýhanada.

Içmedik günüň gagşatdyň,
On iki süňňüň lagşatdyň,
Dogan-gardaşdan daşlaşdyň,
Mes bolup meýhanada.

Ýeňledip, wah, «hesretiňi»,
Ýetirdi jan, «hezzetiňi’,
Indi çekýän ezýetini,
Pes bolup meýhanada.

Allaýar ÇÜRIÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1985 ý. Goşgular